# Biz bilen… / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Biz bilen… / ýumoreska BIZ BILEN…

Geýim-gejimleri arassalaýjy bölümiñ kabulhanasy. Işikden bir zenan girýär.
– Meñ žempirime mürepbe damaýdy-da…
– Oñ ýaly zady kabul edemzok.
– Be, kim alýaka?
– Ony hiç kimem almaz.
– Be, men indi täp-täzeje žempirimi zyñaýmaly bormukam?
– Ol siziñ öz işiñiz.
– Onda siziñ işiñiz näme?
– Ynha, bu welin siziñ işiñiz däl. Siziñ başga-da tabşyrjak zatlaññyz barmy?
– Oglumyñ jalbarynam getirdim. Garagol syýa dökäýipdir.
– Biz syýany arassalamzok.
– Onda siz nämäni arassalaýañyz?
– Tutuş kir-kimir geýim-gejimleri.
– Meñki näme kir-kimir dälmi?
– Siziñkiler tegmilli zatlar ahyry.
– Tegmil näme kir-kimire girenokmy?
– Girýä… Ýöne biziñ diýýänimiz däl.
– Size onda nähilisi gerek? Men indi žempirimi tutuş mürepbä batyryp çykaraýynmy?
– Batyryberiñ. Ýöne mürepbe seven zady kabul edemzok.
Zenan getiren zatlaryny ýygnaýar-da, çykyp gidýär. Biraz wagt geçenden soñ ol eli kagyzly dolanyp gelýär. Şol kagyzam gapynyñ ýüzüne berkidýär.
– Siz näme edýäñiz?
– Bildiriş goýýan. Men bärik «Geýim-gejimleri arassalaýan bölüm diñe arassa zatlary kabul edýär» diýip ýazdym.
– Ine, muny oñarypsyñyz. Dogrudanam, arassa zatlary getirsinler. Onsoñ hapalamasy biz bilen!

Anna SOHRINA. Satiriki hekaýalar